# «Şeýle bir kalbyma heýjana salyp…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Şeýle bir kalbyma heýjana salyp…" «ŞEÝLE BIR KALBYMA, HEÝJANA SALYP…»

Şeýle bir kalbyma, heýjana salyp,
Şatlanyp umman deý joşasym gelýär,
Özümi şindizem oglanjyk saýyp,
Juwanlyk çagynda ýaşasym gelýär.

Bezzat çagalaryñ betligin görüp,
Gykuwlap sesimi goşasym gelýär.
Daş atyp, Goñşymyñ penjiresine,
Şarpygyndan dadyp, ýaşasym gelýär.

Deñimden geçende ýaş gelin gyzlar,
Bälçiräp lak atyp, geçesim gelýär.
Göwre garrasa-da, Göwün garramaz,
Juwanlyk çagynda ýaşasym gelýär.

Aýlanyp dur heññam, geçip dur wagt,
Wagty saklap, göwnüm açasym gelýär.
Elbetde, ýatlanmak ullakan bag:t,
Müdümilik galyp ýaşasym gelýär.

Remezan MÄMETGURBANOW.

08.12.2022 ý. Goşgular